Milli kärhanalaryň dünýä bazarlaryna üstünlikli çykmagyny höweslendirýän esasy şertleriň biri hökmünde döwlet tarapyndan olara maliýe goldawynyň berilmegi bolup durýandygyna dünýä tejribesi şaýatlyk edýär. Her bir ýurtda döwlet tarapyndan eksporty höweslendirmegiň özboşdak ulgamy hereket edýär. Şu ulgamda maliýe-karz gurallary iň bir wajyp orunlaryň birini eýeleýär. Bu gurallaryň kömegi bilen döwlet eksport işini amala aşyrýan kärhanalaryň öz harytlarymy (hyzmatlarymy) daşary ýurtlara ýerlemek bilen baglylykda döreýän töwekgelçilikleriň we ýitgileriň öwezinin dolunmagyny öz üstüne alýar. Netijede, kärhanalaryň öz harytlarymy (hyzmatlarymy) daşary ýurtlara eksport etmäge gyrgyklanmasy artýar.

2015-nji ýylda ýurdumyzyň Çyzykly belgiler boýunça Milli guramasy dünýä bazarynda hili kadalaşdyrmagyň we harytlaryň hem-de hyzmatlaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň möhüm guraly bolup durýan «GSI» — «Global Standart» halkara guramasynyň agzasy boldy. Şeýle hem Türkmenistana degişli çyzykly belgi berildi. Indi ýurdumyzda öndürilýän önümler 483 belgiden başlaýan çyzykly belgi bilen belgilenýär. Häzirki döwürde ýurdumyzda çyzykly belgileri girizmek boýunça uly işler alnyp barylýar. Türkmenistanda öndürilýän harytlaryň onlarça müňe golaý görnüşlerine degişli belgi berildi. Türkmenistanyň GSI halkara ulgamyna goşulmagy ýurdumyzyň halkara söwda-ykdysady gatnaşyklarynda ygtybarly we jogapkärli hyzmatdaş hökmünde ýkrar edilýändigini alamatlandyrýar. Yurdumyzda önümçilik möçberlerinin artyandygyny we ýokary hilli haryt-lara bolan isleg-iň yokarlanyandygyny, önümlere çyzykly belgiler ulgamynyň ornaşdyrylyandygyny nazara alyp, söwda-ykdysady gatnaşyklary, harytlaryň eksportlyk ugurlaryny köpeltmek, olaryň görnüşlerini artdyrmak üçin täze mümkinçilikler açylýar.

Eksporty maliýe taýdan höweslendirmek işi käbir döwletler tarapyndan eýýäm geçen asyryň 20–30-njy ýyllarynda peýdalanyp başlandy. Häzirki wagtda bu işler dünýä döwletleriniň aglaba böleginde ykdysady syýasatyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Munuň şeýle bolmaklygy ilkinji nobatda, halkara söwdasyndan alynýan girdejiniň artmagy, ýlmy-tehniki ösüşiň çalt depginde ösmegi, şeýle hem dünýä bazarlarynda bäsdeşligiň güýçlenmegi bilen baglanyşykly bolup durýar.

Maliýe-karz gurallarynyň esasy görnüşleriniň hatarynda eksport edijilere karzlaryň berilmegini, olaryň geçirýän karz amallarynyň ätiýaçlandyrylmagyny, şeýle hem eksport karzlaryna berilýän döwlet kepilliklerini görkezmek bolar. Döwlet eksporty iki ýol bilen karzlaşdyrypp bilýär: birinji ýol ýörite şu maksatlar üçin pul gaznalarymy döretmek hem-de bu gaznalaryň serişdelerini döwlet tarapyndan ýörite ygtyýarly guramalaryň, ýagny eksport karzlary boýunça agentliklerin üsti bilen milli eksport edijilere karz bermek arkaly amala aşyrylýar.

Eksport karzlary boýunça agentliklerin üstüne eksport karzlaryny ätiýaçlandyrmak we bu karzlara kepillikleri bermek ýaly wezipeler hem ýüklenendir. Şeýle guramalara mysal hökmünde ABŞ-da «Eksport-import» banky, Awstriýada «Kontrolbank» çykyş edýärler. Eksport karzlary boýunça eksport edijä kärhanalaryň töleýän götermlerini döwlet býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmek eksporty karzlaşdyrmagyň ikinji ýoly bolup durýar. Şeýlelikde, milli eksport edijiler halkara bazarlaryna öz önümlerini harytlaryny çykaranlarynda oňyn bäsleşik artykmaçlyklarynа eýe bolýarlar. Eksport karzlarynyň ätiýaçlandyryrylmagy täjirçilik we syýasy häsiýeti bolan dürli töwekgelçilikli hadysalaryň yüze çykmagy netijesinde eksport edijileriň emläkleýin bähbitlerine ýetirilýek zyýanyň öwezinin dolanmagyny göz öňünde tutýar. Bazar gatnaşyklary ösen käbir döwletlerde eksport karzlaryny ätiýaçlandyrmak wezipeleri Eksport karzlary boýunça agentliklerin üstüne ýüklenen bolsa, beýleki döwletlerde bu wezipeleri ýöriteleşdirilen döwlet edaralary ýerine ýetirýärler. Şeýle ýöriteleşdirilen döwlet edaralaryna Fransiýanyň Daşary söwdany ätiýaçlandyrmak boýunça şereketini, Yaponiýanyň eksporty ätiýaçlandyrmak müdirliginі, Beýik Britaniýanyň Eksport karzlaryna kepillikleri bermek baradaky departamentini, Germaniýanyň «GERMES» ätiýaçlandyrys şereketini mysal getirip bolar.

Eksporty karzlaşdyrmaga gönümel gatnaşyan täjirçilik banklaryny olardan karz alyjylar tarapyndan alnan karzlaryň yzyna gaýtarylmagy babatynda dörän bilşek töwekgelçiliklerden goramagyň ýene-de bir usuly bolup döwlet kepillikleri çykyş edýär. Döwlet kepillikleri eksport edijileri karzlaşdyrmaga gatnaşyan banklaryň beren karzlarynyň yzyna gaýtarylmagy babatynda yüze çykyp biljek ohaýsyz ýagdaýlary aradan aýyrýar. Netijede, milli eksport edijiler üçin maliýe serişdeleriniň elýeterliligi ýokarlanýar. Eksporty höweslendirmegiň maliýe-karz gurallary eksport edijileriň sanyny artdyrmak, daşary ýurtlarda täze bazarlary özleşdirmek, şeýle hem dünýä bazarynda harytlaryň nyrh bäsleşigini güýçlendirmek şertlerinde eksport edilýän harytlary (hyzmatlary) öndürmek üçin edilýän harajatlary azaltmak maksady bilen peýdalanylýar.

Dünýä döwletleriniň aglabasynda eksporty maliýe taýdan höweslendirmek işi ýokary derejä ýetdi. Yöne käbir döwletleriň bu görkezijiler babatynda belli bir yzagalaklygy olaryň halkara bazarlyndaky bäsleşige ukyplylygyny peseldýär, eksportyň ösmegini bökdeýär, ykdysady ösüşi we ilatyň ýaşaýyş-durmuş hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmakda olarda bar bolan milli serişdeleri netijeli peýdalanmagyň mümkinçiliklerini peseldýär.

«Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça Döwlet maksatnamasynda» bellenen wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi üçin eksporty höweslendirmek babatynda maliýe-karz gurallarynyň ýerlikli peýdalanylmagy wajyp ähmiýete eýe boldy. Türkmenistanda eksport işine maliýe goldawyny bermegiň netijeli ulgamyny kemala getirmek üçin, ilkinji nobatda şeýle goldawyň esasy görnüşlerini özünde jemleýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň giň binýadyny yzygiderli kämilleşdirmegiň ähmiýeti ýokary bolmagynda galýar.

Yurdumyzyň ykdysadyýetiniň dünýä hojalygyna ygtybarly, amatly ugurlar boýunça we ýokary netijeli goşulyşmagyny üpjün etmek babatynda bellenen strategik maksatlary üstünlikli amala aşyrmak boýunça durmuşa geçirilýän durnukly daşary ykdysady syýasaty Türkmenistanyň iri halkara guramalaryň düzümine, birleşiklere we şertnamalara işjeň gatnaşmagyny dowam etmek, ýurdumyzda syýasy we durmuş-ykdysady durnuklylygy bermek, Watanymyzyň dünýä giňişligindäki ýokary abraýyny has-da pugtalandyrmaga gönükdirilen halkara kongressleri, maslahatlary, sergileri, yzygyderli guramak we geçirmek ýaly çäreler onuň daşary söwda ulgamynda eýeleýän ornuny ýnamly pugtalandyrýar.

Edebiýat:

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. - A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.*
2. *Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça Döwlet Maksatnamasyny tassyklamak hakynda» 2015-nji ýylyň 15-nji maýyndaky Karary //Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. – 2015. - № 5.*
3. *Türkmenistanyň Döwlet habarlar agentliginiň resmi elektron sahypasy. http://tdh.gov.tm*
4. *Васютинский Н. Н. Государственное поддержка экспорта: мировой опыт //Экономический вестник Ростовского государственного университета, 2010.*

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

MALIÝE WE YKDYSADYÝET

№ 5 (53), 2026



Meýlis Allamyradow,
“Buhgalterçilik hasaba alnyşy” kafedrasynyň uly mugallymy

Döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň öňdebaryjy halkara tejribesi. Sah 16-18



Bazar ykdysadyýeti

DÖWLET-HUSUSY HYZMATDAŞLYGYŇ ÖŇDEBARYJY HALKARA TEJRIBESI

Meýlis ALLAMYRADOW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy,
ykdysady ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesine dalaşgär

Döwlet-hususy hyzmatdaşlyk (DHH) döwletiň häkimiýet edaralary bilen hususy telekeçiligiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň iň täsirli usullarynyň biri hasaplanýar. DHH ulag, inženerçilik, senagat, durmuş infrastrukturasyny döretmekde ýa-da döwrebaplaşdyrmakda amatly mehanizmleriň biri bolup çykýa edýär. Energiýa pudagy, senagat toplumy, ýaşaýyş jaýy we jemgyýetçilik hyzmatlary ýaly ugurlaryň ösmegi döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň binýatlaryn yörelgeleriniň durmuşa geçirilmeginde esaslanýar. Olaryň esaslary hökmünde gatnaşyjylaryň arasynda töwekgelçilikleri we jogapkärçiligi deň çekmek, taslama şertnamasyny durmuşa geçirmegiň bähbidine borçlary, şertleri, gorlary özara birleşdirmek yörelgesini görkezmek bolar.

DHH-nyň çäklerinde döwlet we hususy eýeçilik görnüşleridäki hyzmatdaşlar maliýe akymlaryny netijeli dolandyrmaga ymtylýarlar. Munuň özi dürli çemeleşmelere we olaryň utgaşmalaryna esaslanýan işewürlik nusgalaryny kemala getirmek arkaly gazanylýar. DHH mehanizmini saýlap almakda uzagyndan işewürlik nusgasy döredilýän taslama görkezijilerinden ugur alynýar. Taslamany maliýeleşdirmek gurallarynyň ýerlikli peýdalanylmagy köp ýkdysady faktorlaryň göz öňünde tutulmagyna, oňyn artykmaçlyklary berýän we gowşak taraplarynyň takyk kesgitlenilmegine, şeýle hem aýry-aýry kemçilikleri aradan aýyrmagyň mümkinçiligine we usullaryna baha bermek boýunça nusgalyk meýilnamanyň işlenip düzülmegine mümkinçilik berýär.

Jemgyýetçilik hyzmatdaşy üçin DHH mehanizmi infrastrukturany ösdürmäge we ilata hyzmatlary bermäge gönükdirilen orta ýa-da uzak möhletli iri taslamany durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär. Taslamany maliýeleşdirmek we durmuşa geçirmek işine hususy pudagy çekmek bilen, döwlet hyzmatdaşy döwlet býujetiniň serişdelerini ulanmagyň zerurlygyny ep-esli azaltmaga ýa-da ony düýbünden aradan aýyrmaga mümkinçilik berýär. DHH-na gatnaşyjy bolup çykyş edýän hususy hyzmatdaş taslama durmuşa geçirilende girdeji gazanyp, şonuň ýaly-da şertnamada görkezilen ýagdaýlarda göz öňünde tutulan kepilliklerden (döwlet tarapyndan dürli öwez tölegleri görnüşinde), beýleki ýetilliklerden we amatlylardan (eger-de olar hereket edýän kanunçylyga garşy gelmeýän bolsa) peýdalanyp biler.

DHH ýörelgeleri milli kanunçylygyň degişli kadalary esasynda kanunçylyk taýdan berkidilýär. Munuň özi, şonuň ýaly-da DHH-nyň çygryndan çykýan (mysal üçin hemaýatkärlik, haýyr-sahawat, döwlet satyn almalary we ş.m.) işewürlik ugurlary bilen döwlet bölegininň arasynda işjeň hyzmatdaşlyk ýola goýmaga mümkinçilik berýär. Dünýä tejribesinde DHH çygrynda düýbi tutulýan taslamany işläp düzmek we durmuşa geçirmek işi birnäçe tapgyrdan ybaratdyr. Olaryň iň möhümi taslamanyň başlangyç bahasyny kesgitlemek tapgyrydyr. Şeýle hem bäsdeşlik esasynda maýa goýujy saýlanylýar, soň şertnama baglaşylyp, oňa gol çekişmek tapgyry geçirilýär. Taraplaryň arasynda taslama işlerini maliýeleşdirmegiň düzgün-tertibini ýalaşmak, ygtybarly kepillikleri üpjün etmek, taslamany durmuşa geçirmegiň netijelerine esaslanýan töwekgelçiligi dolandyrmak we ýerine ýetiriş bahalandyrmasyny geçirmek çärelerine hem möhüm ähmiýet berilýär. Bu tapgyrlaryň ýetilliligini ýokarlandyrmak üçin DHH-nyň dürli görnüşleri üçin gurallar işlenip düzülýär. Öňdebaryjy dünýä tejribesinde DHH-nyň işjeň ulanylýan görnüşleriniň biri hem konsessiýady r.

Daşary ýurtlaryň aglabasynda DHH üçin kanunçylyk binýadynyň emele getirilmegi konsessiýa şertnamasynyň esasyny düzgünleşdirýän kanunçylyk namasynyň kabul edilmeginden başlandy.

16

Bu ugurda Russiýa Federasiýasynyň tejribesini seljermek maksadalaýyk bolar. Bu ýagdaý konsessiýa mehanizminiň iri möçberli hususy maýa goýumlaryny çekmäge we bahasy ýokary bolan uzakmöhletli infrastruktura taslamalaryny durmuşa geçirmäge, döwlet we hususy taraplaryň ikisi üçin hem has uly ykdysady we durmuş peýdalaryny gazanmaga mümkinçilik berýändigi bilen düşündirilýär. DHH-nyň heýkeli gurallaryna mysal hökmünde önümi paýlaşmak şertnamasyny, önürüt dowamlylygy şertnamasyny we ş.m. görkezmek bolar.

ABŞ-da döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň işjeň ösdürilýän ugurlarynyň hatarynda ulag-agregatnaşygyny gowulandyrmak, infrastrukturany döwrebaplaşdyrmak, gaty galyndylary gaýtadan işlemek, suw çeşmelerini aýlawly peýdalanmak we ş.m. ugurlary görkezmek bolar. Milli Döwlet-hususy hyzmatdaşlyk instituttynyň maglumatlaryna görä, ABŞ-da şähere hyzmat ediş edaralarynyň takmynan üçden bir bölegi DHH görnüşinde işleýär.

BRICS ýurtlarynda hem DHH-nyň ösüş aýratynlyklary bar. Konsessiýa we beýleki DHH modelleri Hytaýda, Hindistanda we Braziliýada has işjeň ulanylýar. Bular, esasan, önümçilik pudagynda, oba hojalygynda amala aşyrylýan, şeýle-de jemgyýetçilik maksatly infrastruktura taslamalary, çig mal ýataklaryny öz içine alýan taslamalar degişlidir. Russiýa döwleti Braziliýa bilen bilelikdäki DHH taslamalaryny durmuşa geçirýär.

Hytaý Halk Respublikasynda (HHR) DHH-nyň netijeli nusgasyny emele getirmegiň birinji tapgyry 1980–1990-njy ýyllar aralygyna gabat geldi. Onuň aýratynlygy taslamany dolandyrmagyň mehanizmlerini emele getirmek işine döwletiň has ýokary derejede gatnaşmagy boldy. «Gurmak-dolandyrmak-geçirmek» (GDG) nusgaly taslamalaryň köpçüliýetin esasda durmuşa geçirilmegi daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge, ýurtda infrastrukturany ösdürmäge we hökümetiň üstüne düşýän maliýe ýüküni ýeňilleşdirmäge kömek etdi. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda başlap DHH taslamalarynyň kanuny esaslary işjeň ösdürilýär.

DHH-nyň ikinji ösüş tolkuny 2000-nji ýyllarda infrastruktura taslamalaryny maliýeleşdirmek we ýurduň ykdysady ösüşi bilen başlandy. Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň (BMGÖM) howandarlygynda Pekin, DHH meýilnamasynyň Hytaýda dowam edýän BMG 21-nji Gün tertibine (ACCA21) girizilmegini goldady.

Günorta Afrika Respublikasynda işewürlik taslamalaryna baha berlende DHH babatynda kesgitlenen maksatlara laýyk gelmegiň esasy şertleri öňe sürülýär, ýagny olar bar bolan serişdeler, ykdysady täsir we hususy taraplaryň ikisi üçin hem has uly ykdysady we durmuş peýdalarynyň

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

MALIÝE WE YKDYSADYÝET

№ 5 (53), 2026

Durnukly geljegiň we milli ösüşiň strategik ýoly.
Sah 21-23



Gurbanmyrat Gurbanmyradow,
“Maliýe” kafedrasynyň mugallymy



Aýnabat Jümmiýewa,
“Maliýe” kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi



Ýapyk aýlawly ykdysadyýet

DURNUKLY GELJEGIŇ WE MILLI ÖSÜŞIŇ STRATEGIK ÝOLY

Gurbanmyrat GURBANMYRADOW,
Aýnabat JÜMMIÝEWA,
Türkmen döwlet maliýe instituty

Häzirki wagtda dünýä ykdysadyýeti uly ekologik öwrülişigi başdan geçirýär. Global ykdysady ösüş tebigy baýlyklaryň çendenaşa ulanylmagyna esaslanýar.

Çaklamalara görä, serişdeleriň ulanylyşy 2020-nji ýyldaky 115 milliard tonnadan 2060-njy ýyla çenli 167 milliard tonna çenli artar. Mundan başga-da, plastmassa galyndylarynyň möçberiniň 2060-njy ýyla çenli 1 milliard tonnadan geçmegi we parnik gazlarynyň 70%-iniň materiallary gaýtadan işlemek bilen baglydygy sebäpli, ykdysadyýetiň ýapyk aýlawly ykdysadyýete geçmegiň diňe bir isleg däl, eýsem zerurlygydygyny görkezýär.

Sirkulýar ykdysadyýetde «galyndy» diýen düşünje ýokdur. Galyndy – bu diňe bir ýerde nädogry ýerleşdirilen serişde gorudyr. Seljermelerin görkezişi ýaly, ýapyk aýlawly model oňaýsyz parnik täsirine garşy göreşmekde iň netijeli gural bolup durýar.

Türkmenistan bütindünýä ähmiýetli bu meseleleriň biperwaý garanok. Ýurdumyz özüniň milli ösüş strategiýasyny Durnukly Ösüş Maksatlarynyň (DÖM) laýyklykda gurayar. Türkmenistan durnukly ösüşi özüniň milli maksatnamalaryna ýakyndan utgaşdyrýar. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» ýurdumyzyň durnukly ösüşiniň ýol kartasydyr. Bu strategiýanyň esasy maksady ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda, geljek nesilleriň ösüş mümkinçiliklerini goramak we saklamakdan ybaratdyr. Ýurtda amala aşyrylýan ykdysady özgertmeler galyndysyz önümçilik zynjyrlaryny döretmäge we serişde gorlarynyň tygşytly ulanmaga gönükdirilendir. Durnukly ösüş diňe bir ykdysady ösüş däl-de, eýsem ekologik taýdan arassa tehnologiýalaryň we jemgyýetçilik jogapkärçiliginiň sazlaşykly birleşdirilmegidir.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedow tarapyndan halkara meýdançalarynda öňe sürlen oňyn başlangyçlar ýurdumyzyň sirkulýar ykdysadyýete beryän ýokary ähmiýetini açyp görkezýär. Muňa mysal hökmünde BMG-niň Baş sekretary bilen geçirilen gepleşikleri we BRICS sammitindäki çykyşlary görkezmek bolar.

2024-nji ýylda Dubaý şäherinde geçirilen Bütindünýä hökümet sammitinde (WGS 2024) sirkulýar ykdysadyýete geçmek boýunça Durnukly ulag birikmesiniň global atlasynyň, Global energetika howpsuzlygy we durnukly ösüş boýunça hyzmatdaşlygyň Bileleşigini döretmek we Gün tertibiniň ileri tutulýan ugurlaryna esaslanmak bilen, ykdysady geçiş boýunça ählumumy maksatnamanyň teklip edilmegi Türkmenistanyň bu ugurda global işjeňligini tassyklaýar.

Mundan başga-da, ýurdumyz bu ugurdaky halkara taslamalara işjeň gatnaşýar, şol sanda:

- CircuEC: Ýewropa Bileleşiginiň Erasmus+ maksatnamasy tarapyndan goldanylýan CircuEC taslamasy Ýewropada we Merkezi Aziýada uniwersitetleriň we institutlaryň okuw maksatnamalaryna sirkulýar ykdysadyýeti we durnukly ösüş ýörelgelerini ornaşdyrmagy maksat edinýär. Bu taslama Türkmenistandan, Gazagystandan, Özbegistandan, Täjigistandan, Ispaniýadan, Italiýadan we Germaniýadan 15 akademiki hyzmatdaşy öz içine alýar. Biziň ýurdumyzdan bu taslama Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy, Türkmen döwlet maliýe instituty, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty wekilçilik edýärler;

- GDCAU: «Merkezi Aziýa uniwersitetleri üçin ýaşyl ýalaşyklar we durnukly ösüş» taslamasy Merkezi Aziýada ýokary okuw mekdepleriniň okuw maksatnamalaryna Durnukly ösüş maksatlaryny ornaşdyrmagy, bar bolan okuw derslerini kämilleşdirmegi maksat edinýär;

- ESGCA: bu taslama Erasmus+ maksatnamasynyň bir bölegi bolup, Merkezi Aziýa ýurtlarynda ekologiýa we durnukly ösüş ulgamynda bilim maksatnamalaryny kämilleşdirmegi maksat edinýär. Onuň esasy maksady daşky gurşaw meseleleriniň jemgyýetçilik zerurlyklary we netijeli dolandyryş ýörelgeleri bilen utgaşdyrmakdyr. Italiýanyň, Rumyniýanyň, Slowakiýanyň öňdebaryjy uniwersitetleri hem-de Merkezi Aziýa döwletleriniň ýokary okuw mekdepleri bu taslamanyň hyzmatdaşlary bolup durýar.

Sirkulýar ykdysadyýetiň üstünlikli durmuşa geçirilmegi üç sany esasy tarapyň (steýkeholderleriň) utgaşykly hereketine baglydyr:

1. Döwlet dolandyryş edaralary: döwlet sirkulýar ykdysadyýeti ösdürmegiň esasy hereketlendiriji güýjüdür. Hökümet kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek we «Ýaşyl» döwlet satyn almalaryny höweslendirmek arkaly amatly institusional şertleri döredýär. «Ýaşyl» döwlet satyn almalary durnukly we gaýtadan işlenip bilinýän önümlere islegiň döwlet derejesinde goldanylmagyny aňladýar.

2. Hususy pudak: kompaniýalar üçin sirkulýar model diňe bir jogapkärçilik däl, eýsem bäsdeşlik artykmaçlygydyr.

3. Sarp edijiler we beýleki bazar gatnaşyjylary: sarp ediş medeniýetiniň üýtgemegi, önümleriň önrüni uzaltmak üçin bejeriş, dikeldiş we paýlaşmak (sharing economy) ýörelgeleriniň kabul edilmegi serişde gorlarynyň akymyny has amatly görnüşe getirýär.

Hususy pudak senagat utgaşmasyny ösdürmek arkaly bir kärhananyň galyndysyny beýleki kärhananyň çig malyna öwrüp biler. Şeýle çemeleşme çykdaýylary azaldyp, girdejini artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Sirkulýar ykdysadyýet diňe bir tehnologiýa däl, eýsem adam maýasyny hem öz içine alýar. Ýapyk aýlanyşykly ykdysadyýete geçiş zähmet bazarynda täze hünärleriň döremegine sebäp bolýar, olardan:

- galyndylary gaýtadan işleýän enjamlaryň operatory;
- gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri (gün, ýel) boýunça inžener;
- durnukly dizaýn we dikeldiş ussasy ýaly hünärleri görkezmek bolar.

Türkmenistanda amala aşyrylýan hünär öwretmek we hünär derejesini ýokarlandyrmak çäklerinde bazar islegi artýan bu ugurlardan hünärmenleri taýýarlamaga gönükdirilendir.

Sirkulýar ykdysadyýet Türkmenistanyň 2052-nji ýyla çenli niýetlenen Milli durmuş-ykdysady ösüş maksatnamasyny üstünlikli amala aşyrmagyň strategik guraly hökmünde ýkrar edilýär. Netijede, döwlet goldawy, ýlmyň güýji we sarp edijileriň täze medeniýeti birleşip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşynyň «Ýaşyl» we durnukly geljegini üpjün eder.

Sirkulýar ykdysadyýet diňe bir daşky gurşawy goramagyň guraly bolmak bilen çäklenmän, eýsem Türkmenistanyň ykdysady durnuklylygyny we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň strategik ugry bolup durýar. Serişdeleri gaýtadan ulanmaga we galyndysyz önümçilige esaslanýan aýlanyşykly modele geçmeklik ýurdumyzyň Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda alyp barýan syýasatyna doly gabat gelýär.

Ýurdumyzyň bu ugurdaky esasy artykmaçlyklary:

- tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanmak: çig mal serişdeleriniň netijeli dolandyrylmagy geljekki nesiller üçin ekologik durnuklylygy saklamaga mümkinçilik berýär;
- innowasiýa we sanlylaşdyrma: «akylly» şäher (Smart City) konsepsiýasynyň we sanly tehnologiýalaryň önümçilige ornaşdyrylmagy galyndylary azaltmaga itergi berýän esasy ýagdaý bolup çykyş edýär;
- ekologiýa howpsuzlygy: Asgabat we Arkadag şäherleriniň mysalynda sirkulýar ýörelgeleriň binagärlikde we jemgyýetçilik hyzmatlarynda giňden ornaşdyrylmagy ýurdumyzyň «Ýaşyl» ykdysadyýete ygrarlydygyny açyk-aýdyň subut edýär.

Türkmenistanyň ykdysady syýasatynda sirkulýar ýörelgeleriň ileri tutulmagy milli eksport mümkinçiliklerini giňeltmek bilen bir hatarda, ýurdumyzyň halkara ekologik konwensiýalara goşýan goşandyny has-da güýçlendirýär. Netijede, aýlanyşykly ykdysadyýet modeline geçiş Türkmenistanyň ykdysady kuwwatynyň durnuklylygyny, daşky gurşawyň tämizligini, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyny üpjün edýän iň netijeli ýol hökmünde ynamly öňe sürülýär.

Edebiýat:

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.*
2. *Serdar Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: Durnukly ösüşiň milli nusgasy// «Maliýe we ykdysadyýet». - 2021. – №5. – S. 1-3.*
3. *«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy».- Aşgabat: TDNG, 2022.*
4. *Türkmenistanyň Döwlet habarlar agentliginiň resmi elektron sahypasy. www.tdh.gov.tm*

21

22

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Kärhananyň maliýe netijeleriniň seljermesi. Sah 26-27

MALIÝE WE YKDYSADYÝET

№ 5 (53), 2026



Gözel Mätiýewa, “Buhgalterçilik hasaba alnyşy” kafedrasynyň mugallymy



Ykdysady seljerme

KÄRHANANYŇ MALIÝE NETIJELERINIŇ SELJERMESI

Gözel MÄTIÝEWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň täsirçe tagallalary netijesinde ösüşiň täze belentliklerinde rowşen ýoly bilen ynamly öňe barýan türkmen halky eserli-bagtyýar zamanasyň hüwürini görüp ýaşaýar. Yurdumyzda alnyp barylýan giň gerimli maksatnamalaýyn işleriň esasynda ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda uly ösüş gazanylýar. Milli ykdysadyýet barha kuwwatlanýar, onuň dünýä ykdysady gatnaşyklarynda orny has-da pugtalanýar.

Ählitaraplaýyn ösüşleri gazanmak ugrunda amala aşyrylýan işler «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda üstünlikli dowam etdirilýär. Yurdumyzda netijeli pul-karz syýasatyny alyp barmak, maliýe bazarsyny düýpli ösdürmek, karz edaralarynyň işine sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesinde guramak, pul-karz dolanyşygynyň ýaglaýyna täsir etmek arkaly bazar işleglerini has doly kanagatlandyrmak, ilatyň erkin duran pul serişdelerini bank ulgamyna möhletli we talap edilýänçä görnüşlerindäki goýumlara çekmek, nagt dälhasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek babatynda anyk wezipeler durmuşa geçirilýär.

Häzirki wagtda bazar gatnaşyklaryň işini maliýeleşdirmek boýunça hyzmatlaryň öňki döwürlere garanyňda has giň sanawy hödürlenýär. Ykdysadyýetiň barha globallaşmagy iri we ownuk kompaniýalara ösüşiň täze derejesine çykmaga, öz işini giňeltmäge, dürli maliýeleşdiriş usullaryny ulanmak esasynda ynamly üstünlik gazanmaga mümkinçilik berýär.

Häzirki zaman ykdysady şertlerde her bir kärhananyň işi bazar gatnaşyklaryna girişýän gatnaşyjylaryň üns merkezinde bolmagynda galýar. Olar özlerine ýeterli hasabatlaryň, hasap maglumatlarynyň esasynda kärhananyň maliýe ýaglaýyna baha bermäge çalyşýarlar. Bu işde esasy we netijeli gural bolup maliýe seljermesi hyzmat edýär. Onuň kömegi bilen seljerijiň obýektiň içki we daşky gatnaşyklaryna obýektiw baha bermek, soň onuň netijeleri boýunça esaslandyrylan çözgütleri kabul etmek bolýar. Maliýe seljermesi kärhananyň ösüşiniň gelşegine baha bermek maksady bilen, onuň işiniň netijesini we maliýe ýaglaýynyň maglumatlaryny öwrenmäge esaslanan işdir. Şeýlelikde, maliýe seljermesiniň esasy meselesi geljege gönükdirilen ykdysady çözgütleri kabul etmek bilen baglanyşykly kesgitsizligi (näbellidigi) peseltmek bolup duryar.

Türkmenistanda bazar ykdysadyýetine geçilýän häzirki şertlerde maliýe seljermesiniň orny we ähmiýeti ep-esli artýar, onuň geçirilmegine has köp isleg ýüze çykýar. Bazar gatnaşyklary kärhanalaryň hereket etmeginiň şertlerini düýpli üýtgedýär. Kärhanalary ýöretmegiň täze şertlerine kärhanalaryň işiniň kybap gelmegi üçin uly tagalla edilmelidir we aýawlylyk ýörelgesi pugta öňe sürülmelidir, şonuň bilen birlikde önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak möhümdir. Maliýe durnuklylygy maliýe serişdelerini erkin hereketlendirmek hem-de olary netijeli peýdalanmak arkaly önümçiligiň üznüksiz işlemegini we önümleriň netijeli ýerleşdirilmegini üpjün etmek, şeýle hem kärhananyň önümçiligi giňeltmek, döwrebaplaşdyrmak bilen bagly çykdajylary ýapmak ukybydyr.

Kärhananyň maliýe ýagdaýyna baha bermek – kärhananyň işini öwrenmegiň netijesinde onuň ýagdaýyny kesgitlemäge mümkinçilik berýän usullaryň jemidir. Kärhananyň maliýe ýagdaýy önümçilik gurşawynda onuň bäsdeşlige, tölege, karza ukyplylygyny, degişlilikde goýlan maýanyň ulanylyşynyň netijeliligini görkezýär. Maliýe seljermesini geçirmek üçin kärhananyň işiniň abatly netijelerini açyp görkezýän buhgalterçilik hasabatlary, şeýle-de ol hasabatlara esaslanyan hasaplama görkezijileriniň ulgamy ulanylýar. Seljermäniň maksatlaryna birnäçe analitik meseleleri çözmek arkaly ýetilýär, olar:

- buhgalterçilik hasabatlaryny deslapdan gözden geçirmek;
- kärhananyň emläginiň: dolanyşykdan daşary we dolanyşykdaky aktiwleriň häsiýetnamasyny kesgitlemek;
- maliýe durnuklylygyna dürs baha bermek;
- serişdeleriň hususy we karz çeşmeleriniň häsiýetnamasyny jemlemek;
- peýdanyň we düşewüntliligiň seljermesini geçirmek;
- aktiwleriň dolanyşygynyň we hususy maýanyň görkezijilerini öwrenmek;
- kärhananyň maliýe-hojalyk işini gowulandyrmak boýunça çäreleri işläp taýýarlamak.

Maliýe seljermesiniň esasy maksady kärhananyň maliýe ýagdaýy barada dürs maglumat beryän wajyp görkezijileri almak bolup duryar. Olar, hususan-da:

- aktiwiň we passiwiň gurluşyndaky üýtgeşmeler;
- debitorlar we kreditorlar bilen hasaplaşyklaryň yzygiderliligi;
- peýdanyň we zyýanyň ululygy, aktiwleriň, hususy maýanyň hem-de satuwyň düşewüntliligi;
- aktiwleriň we hususy maýanyň dolanyşygyndaky üýtgeşmeler;
- seljeriýän döwrüň başyna we ahyrsyna arasa dolanyşyk maýanyň barlygy we ş.m. baradaky maglumatlardyr.

Bu ýerde iş dolandyryjylaryny we seljerme hünärmenlerini kärhananyň häzirki maliýe ýagdaýy hem, golaý geljege çaklamasy hem deň derejede gyzyklandyryp biler. Ösen bazar ykdysadyýetli ýurtlarda buhgalterçilik hasaby, adatça, maliýe hasabatlarsyny taýýarlamak düzgünleri diýlip düşünilýän hasap standartlarsyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Häzirki wagtda ähli edara-kärhanalarda maliýe hasabatlylygyň halkara standartlary hasaba alnyşda we hasabatlarda nämäniň kabul ederliklidigini hem-de nämäniň kabul ederlikli däldigini kesgitleýär. Hasap we hasabat standartlarsyna laýyklykda işlenip düzülen maliýe hasabatlary ygtybarly hasaplanýar.

Kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň maliýe hasabatlary ulanyjylaryň talaplarsyny diňe bir ýurduň içinde däl-de, ykdysady taýdan ösen ýurtlarda maliýe hasabatlylygyň halkara standartlarynyň talaplary bilen ylalaşylan hasaba alnyş ýörelgelerine hem laýyk gelmelidir.

Gowy gurnalan marketing barlaglary, şeýle-de bazardaky üýtgünçlik we isleg, satuw we sarp ediş şertleri seljerilende alnan netijeler kärhananyň maliýe ýagdaýyny yzygiderli berkitmek üçin täsirli çeşme bolup biler. Kärhananyň maliýe ýagdaýyny berkitmegiň esasy we iň aýgytly ugurlarynyň biri içerki ätiýaçlyk gorlaryny ýüze çykarmakdyr. Onuň netijesinde önümçilik girdejisini köpeltmek, önümçilik kuwwatyny ulanyp bergisiz işlemek, önümiň hilini gowulandyryp ony bäsdeşlige ukyply etmek, maddy we zähmet serişdelerini tygşytly peýdalanmak, olaryň özüne düşýän gymmatyny peseltmek, önümçilik harajatlarsyny we ýitgilerini azaltmak bolup duryar, bularyň ählisi içerki serişdelerden has netijeli peýdalanmagyň usullarydyr.

Kärhananyň maliýe ýagdaýy seljerilende, hasabat döwrüniň (çärýek, ýarymýyl, ýyl) peýdasynyň we belli bir döwrüň dowamynda alnan pul serişdeleriniň ýol bir zat däldigini göz öňünde tutmak zerurdyr. Peýdanyň barlygy kärhanada harçlamaga elýeterli erkin pul serişdeleriniň bardygyny añlatmaýar.

Pul serişdeleri ykdysadyýetde has çäkli serişde goruldyr. Kärhananyň üstünligi köp derejede ýolbaşçylaryň pul serişdelerini oýlanyşykly peýdalanmagy başarmagy bilen kesgitlenýär. Pul akymlarynyň dolandyrylmagy şu aşakdakylary öz içine alýar:

- pul serişdeleriniň akymyny hasaba almak;
- nagt pul akymyny seljermek;
- pul serişdeleriniň hereketiniň býujetini düzmek.

Pul akymlarynyň amatly görnüşe getirmegiň öňünden edilmeli wajyp çäreleri olaryň döremeginiň häsiýetine, göwrümine täsir edýän faktorlary öwrenmek bilen bagly bolup duryar. Bulary içki we daşky faktorlara bölüp bolýar. Kärhananyň pul akymlarsyny amatly görnüşe getirmegiň esasynda olaryň orny we ýaramaz (oňyn dál) görnüşlerini deňagramlaşdyrmak çäreleri goýulýar. Kärhananyň hojalyk işine pul akymlarynyň ýetmezligi hem, artykmaçlygy hem oňaýsyz täsir edip bilýändigini bellemek möhümdir.

Iň amatly maýa gurluşmyň emele gelmegi, ýagny sahyy we karz serişdeleriniň arasyndaky iň peýdaly deňagramlylygy tapmak maliýe dolandyryşynyň iň möhüm wezipesi bolup duryar. Kärhanany maliýeleşdirmegiň has amatly çeşmelerini kesgitlemek üçin kärhananyň işine aýratyn mazmunda derňew geçirilýär. Maliýe çeşmeleriniň başarnyklydygy, dogry we oýlanyşykly saýlanylmagy serişde gorlarynyň ulanylyşynyň girdejilaligini ýokarlandyryşyndygy, serişdeleri yzyna gaýtarmak zerurlygy bilen baglylykda kärhananyň goşmaça delillendirilmedik agramy salmaýandygy mälimdir.

Önümçilik kärhanalarynyň maýasyny kämilleşdirmek boýunça garalyp geçilen usullar we maslahatlar ykdysadyýetiň has-da durnukly bolmagyny üpjün eder. Içerki maliýe strategiýalarynyň hil taýdan gowulandyrylmagy, maliýe töwekgelçiliklerini netijeli dolandyrylmagy, çeşmeleriň dürlüligi we strategik meýilleşdirmäniň sowatly alnyp barylmagy kärhana işiniň has ýokary netijelere eýe bolmagyny üpjün edýär. Bu usullar diňe bir kärhananyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmak bilen çäklenmän, eýsem tutuş milli ykdysadyýetiň bazar bäsdeşlige ukyplylygyny we dünýä derejesinde öňe gitmegini üpjün eder.

Edebiýat:

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyryljyy. - I, II tomlary. – Aşgabat: TDNG, 2010.*
2. *«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy». - A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2022.*
3. *Şallyýew Ç. Makroykdysadyýet. – Aşgabat: TDNG, 2015.*
4. *Асаул А.Н. Организация предпринимательской деятельности. - М.,2003.*
5. *http://www.strateg.gov.tm*

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Buhgalter hünäriniň etikasynyň esaslary. Sah 31-33

MALIÝE WE YKDYSADYÝET

№ 5 (53), 2026



Maýagözel Annamuhammedowa,
“Buhgalterçilik hasaba alnyşy” kafedrasynyň mugallymy



Hünär etikasy

BUHGALTER HÜNÄRINIŇ ETIKASYNYŇ ESASLARY

Maýagözel ANNAMUHAMMEDOWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, milli ykdysadyýetiň hil taýdan özgerdilmegi ykdysady ösüşiň, ýagny onuň strategik ugurlarynyň ylmy taýdan esaslandyrylmagyny, bazar ykdysadyýetiniň ösüşiniň üýtgemelerini öňünden kesgitläp dolandyrmakda ýlma esaslanan taktiki we strategik usullaryň saýlanyp alynmagyny üpjün etmelidir. Bu jogapkärli işiň esasynda geljekki hünärmenlere düýpli ykdysady bilim bermegiň duryandygy mälimdir.

Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň ylmy, usulyýet we tejribe esaslarymy ösdürmekde uly ösüş gazanylan hem bolsa, milli ykdysadyýetiň eýeçilik esaslarynyň özgerdilmegi, eýeçiligiň dürli görnüşlerine esaslanýan ykdysady subýektleriň kemala gelmegi we ösmegi üçin ähli amatlyklaryň döredilmegi, ykdysady ulgamyň hukuk binýadynyň döwrebaplaşdyrylmagy, milli ykdysadyýetiň dünýä ykdysadyýetiniň ayrylmaz bir subýektine öwrülmegi we dünýä bazarlaryna giňden ornaşmagy bilen, dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin maglumatlaryň möhüm çeşmeleriniň biri bolan buhgalterçilik hasaba alnyşyna bildirilýän talaplar has-da artdy. Bu diňe bir maliýe hasabatlylygynyň maglumatlaryna degişli bolmak bilen çäklenmän, eýsem dolandyryş hasabyna hem doly derejede degişlidir.

Şunuň bilen baglylykda, milli ykdysadyýetde buhgalterçilik hasaba alnyşyny kämilleşdirmek üçin ykdysady ulgamyň ýokary hünärli işgärler bilen üpjünçiligine möhüm ähmiýet berilýär.

Buhgalter hünäri diňe bir hünär bilimlerine, başarnygyna we ukyplaryna dál, eýsem tejribeli adamlaryň bellenen tertip-düzgünlere bolan gatnaşygyny, olary nähili ýerine ýetirýändigini açyp görkezýär, şol düzgünlere we standartlara pugta eýermegini göz öňünde tutýar. Şunda, berlen ýumuşlardan, talaplardan sowatly baş çykarmak ukyby hünär dogruçyllygy bilen utgaşmalydyr. Hünärlilik ýerine ýetirilýän işiň hiline we derejesine ýakyndan täsir edýär. Zähmet näçe ýokary çylşyrymly bolsa, işgäre şonça-da köp jogapkärçilik düşýär.

Hemme hünärler üçin baş sany umumy häsiýet mahsusdyr:

- nazary bilimler;
- hünär abraýy;
- jemgyýetiň goldawy;
- ahlak taýdan özüňi alyp barys düzgünleri;
- hünär medeniýeti.

Olara has ýakyndan garap geçeliň.

Hünärlilik nazary bilimlere esaslanýar, ýagny tejribede ukyplary kämilleşdirmäge mümkinçilik berýän nazary esasa eýedir. Nazaryýet belli bir ýagdaýda işiň amaly usullaryny ýerine ýetirmek üçin esas bolup hyzmat edýär.

Hünäriň abraýy iki taraptan: hünäriň özi bilen (bilimleriň, düzgün-nyzama getirişi çäreleriň, hünär ussatlarynyň hünär derejesiniň hasabyna) we daşky ölçeglerden (müşderilerin we ulanyjylaryň ýkrar etmegi) goldanylýar.

Hünäriň abraýy jemgyýet tarapyndan goldanylmagyny talap edýär.

Jemgyýetçilik gözegçiligini üpjün etmek üçin her bir hünär babatynda özüňi alyp barşyňy ahlak kadalaryny kesgitleýän düzgünleriň döredilmegi maksadalaýykdyr. Bularyň hemmesi hünäriň daşky keşbini tassyklamaga gönükdirilendir.

Buhgalter hünärine ykdysadyýetiň islendik ugurlarynda pugta talap bildirilýär. Bazar gatnaşyklary şertlerinde buhgalter hünäri abraýly, döredijilikli we oňaýly zähmet haky tölenýän käre öwrüldi.

Häzirki wagtda dünýä tejribesinde buhgalter hünärmenleriniň taýýarlanylmagy we kämilleşdirilmegi dört maksatnama boýunça amala aşyrylýar:

1. Hünär-tehniki bilim maksatnamasy: bu maksatnama boýunça okuw merkezlerinde, hünär mekdeplerinde, hünär-tehniki merkezlerde, buhgalterçilik hasabaty boýunça goşmaça maksatnamaly umumybilim mekdeplerde, buhgalterleriň we auditorlaryň birleşmeleriniň we täjirçilik gurluşlaryň ýanynda okuwlarda buhgalterleriň taýýarlanylmagy alnyp barylýar.
2. Orta hünär bilim maksatnamasy: onuň çäklerinde orta hünär mekdebinde tehniki buhgalterler taýýarlanylýar.
3. Ýokary hünär bilim maksatnamasy esasynda uniwersitetlerde, institutlarda we akademiýalarda ykdysaçy buhgalterler okadylýar.
4. Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilim maksatnamasy uniwersitetlerde, okuw we ylmy-barlag institutlarynda, akademiýalarda, aspiranturanyň, doktoranturanyň üsti bilen we alymlyk derejesini goramak arkaly auditor buhgalterleri taýýarlamak, hasaba alyş hünärmenleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak, ýokary derejeli hünärmenleriň taýýarlanylmagyny göz öňünde tutýar.

Buhgalter hünärmenleri taýýarlamak we hünär derejesini ýokarlandyrmak maksatnamalaryna laýyklykda, olara şahadatnamanyň berilmegi hem dört dereje boýunça amala aşyrylýar:

birinji dereje — buhgalter-hasapçy: bu derejeli hünärmen hasapçynyň wezipesini ýerine ýetirmäge, iri we orta kärhanalarda esasy hasabaty alyp barmaga, ýönekeý ykdysady işi amala aşyrmaga ukyplydyr;

ikinji dereje — tehnik-buhgalter: bu derejedäki buhgalter (I ýa-da II derejeli), buhgalter hasabaty we hojalyk işiniň seljerilmegi boýunça ykdysatçy, ykdysatçy wezipesinde işläp bilýär;

üçünji dereje — buhgalter-ykdysatçy: bu hünärmen edarada baş buhgalteriň ýa-da onuň orunbasarynyň wezipesini eýeläp we olaryň edýän işini ýerine ýetirip bilýär;

dördünji dereje — ussat buhgalter-auditor: bu derejeli hünärmen auditor bolup işläp, barlaglara ýolbaşçylyk edip we audit hasabatlaryna gol çekip bilýär.

Buhgalter hünärine eýe bolan adamlar şu ugurlar boýunça ýöritelesýär:

- kärhanalarda we guramalarda amaly buhgalterçilik hasabaty;
- garaşsyz buhgalterçilik işi;
- mugallymçylyk käri.

Buhgalter hünärmeni tejribede dürli eýeçilik we guramaçylyk-hukuk görnüşli guramalarda zähmet şertnamasyna laýyklykda işleýär.

Garaşsyz buhgalterçilik, esasan buhgalteriň guramada (kärhanada) işlemeýändigini, ýagny oňa öz hyzmatlaryny gönüden-göni höwürleýändigini añladýar. Garaşsyz işi buhgalterçilik hasabyny alyp barmak we buhgalterçilik hasabatyny düzmek (aýratyn hem, kiçi işewürlik kärhanalarynda), umumy ýýllyk girdejisi baradaky beýannamany taýýarlamak (şahsy taraplar üçin), salgyt salynmagy boýunça we maslahat bermek bilen baglanyşykly tölegli hyzmatlaryň berilmeginden ybaratdyr. Ýlmy taýdan esaslandyrylan maslahatlar, adatça, buhgalterçilik hasabatyny guramaga, çenlikleri taýýarlamaga we önümiň özüne düşýän gymmatyny hasaplamaga, hasaba alyş awtomatlaşdyrmaga, maglumatlary işläp taýýarlamak boýunça awtomatlaşdyrylan ulgamlary işläp düzmäge, dolandyryjylyk çözgütlerini kabul etmek üçin matematiki modelleri ulanmaga we beýlekilere degişlidir.

Mugallymçylyk käri ýokary bilimi bolan buhgalter tarapyndan ýokary okuw mekdeplerinde, orta hünär okuw mekdeplerinde, hünär-tehniki mekdeplerinde sapak bermek arkaly ýerine ýetirilýär. Buhgalterleriň taýýarlanylmagy, tejribäniň görkezişi ýaly, diňe buhgalterçilik hasaba alnyşy, audit, hojalyk işiniň seljermesi, maliýe, hojalyk we salgyt hukugy ugurlarynda ökde hünärmenleri çekmegiň esasynda üstünlikli amala aşyrylyp bilner.

Buhgalterçilik diňe bir sanlar we hasabatlar bilen işlemek dál-de, eýsem uly jogapkärçiligi we ynamy talap edýän hünärdir. Buhgalteriň taýýarlaýan maglumatlaryna esaslanyp, kärhananyň ýolbaşçylary, maýadarlar we döwlet edaralary möhüm çözgütleri kabul edýärler. Şol sebäpli buhgalter hünärinde etiki kadalary berjaý etmegiň zerurlygy hünär ussatlygyndan pesde goýulmaýar.

Halkara buhgalterler federasiýasy (IFAC) tarapyndan bellenilen hünär etikasynyň esasy ýörelgeleri şu aşakdakylardan ybarat:

- dogruçyllyk: buhgalter öz işinde gönümel, halal, akýürekli we dogruçyl bolmalydyr. Ol diňe bir kanunlary berjaý etmek bilen çäklenmän, eýsem işewürlik gatnaşyklarynda adalatly bolmalydyr,
- obýektiwlik: hünär işinde bähbitleriň çaknyşmagyna, başga biriniň täsirine ýa-da garaýşyla-ryna ymtylmaly däldir. Buhgalter kararlary kabul edende diňe hakyky wakalara, delillere, subutnamalara we resminamalara esaslanmalydyr, iş ýerinde wezipe borçlaryny hemişe şahsy gatnaşyklardan, gyzyklanmalardan hem bähbitlerden ileri tutmalydyr;
- hünär ussatlygy we degişli derejede başarnyk: buhgalter öz bilimini we ukyplaryny hemişe döwrebap derejede kämilleşdirmelidir, kanunçylyk öýtgeşmelerinden habarly, öz işine ünsli bolmalydyr, ony takyk hem-de öz wagtynda ýerine ýetirmelidir;
- gizlinlik: hünär işiniň çäklerinde alnan maglumatlary kärhananyň rugsady bolmazdan üçünji taraplara aýan etmek gadagandyr. Bu düzgün elmydama dowam edilip, hat-da işden çykylandan soň hem güýjünde galýar. Buhgalterçilik maglumatlary diňe kanunçylyk tarapyndan talap edilen ýagdaýynda açylyp bilner;
- hünär taýdan (professional) özüňi alyp barys: buhgalter özüniň hünär abraýyna ýaramaz täsir edip biljek islendik hereketden saklanmalydyr. Ol beýleki kärdeşlerine hormat goýmalydyr we işgärleriň arasynda ynamy berkitmelidir;
- bähbitleriň çaknyşmagy: buhgalteriň şahsy bähbitleri bilen kärhananyň bähbitleriniň çapraz gelmegi iň uly etiki meseleleriň biridir. Buhgalter bähbitleriň özara çapraz gelýän islendik ýagdaý barada ýolbaşçylara öňünden habar bermelidir we şol mesele boýunça karar alnyňa çenli kabul edilmegine gatnaşmaly däldir;
- sanlylaşdyrma we etika: häzirki wagtda buhgalterçilik ulgamyny sanlylaşdyrylmagy we awtomatlaşdyrylmagy (meselem, 1C, SAP) bilen baglylykda hünär edebiniň (etikasynyň) täze jähtleri ýüze çykýar. Maglumat howpsuzlygy kadalarynyň pugta berjaý edilmegi hasabatlara bikanun aralaşmakdan we olary nusgalamakdan goraýar. Hasabatlary programma düzýän hem bolsa, ony barlaýan we tassyklaýan şahs hökmünde jogapkärçilik ýene-de buhgalteriň üstüne düşýär.

Hünär edebiniň esaslaryna gysarnyksyz eýermek buhgalter üçin diňe bir borç dál, eýsem onuň hünär kämilliginiň görkezijisidir. Çünki, arassa we aýdyň hasabatlylyk islendik ykdysady ulgamyň durnuklylygyny esasy girewi hasaplanýar.

Bilim, ylym we innowasion önümçilik çygyrlaryndaky döwlet maksatnamalarynyň üstünlikli amala aşyrylmagy bu ulgamlardaky işleriň netijeliligini üpjün edýär. Şol sebäpden hem häzirkizaman ylymyndan oňat baş çykaryan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işlere berilýän ähmiýet diňe ýokarlanýar.

Edebiýat:

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyryjysy: Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. - I tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.*
2. *G.Gulgeldiýew, A.Gurbanguly̆ew. Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň nazaryýeti: Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.*
3. *А.В. Глущенко. Теория бухгалтерского учёта: Учебное пособие. -Волгоград, 2003.*
4. *Г.Н. Мансурова. Бухгалтерское дело: Учебное пособие. – Ульяновск, 2011.*
5. *Internet-maglumatlar.*

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR



№ 41 (333), 12.10.2026



Şirin Öwezberdiýewa,
“Bank işi” kafedrasynyň mugallymy

Dünýä ýaň salan dabaralar. Sah 3

DÜNÝÄ ÝAŇ SALAN DABARALAR





07.10.2026. Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäherindäki Ruhyýet köşgünde «Tatar gyzy — 2026» halkara bäsleşigiň jemleýji tapgyry üstünlikli tamamlandy. Bäsleşigiň düzgünlerine görä, indiki ýylyň jemleýji tapgyry şu ýyl ýeňiji bolan gatnaşyjynyň ýaşaýan sebitinde ýa-da ýurdunda geçirilýär. Munuň özi bäsleşigiň geografik gerimini giňeltmäge we ýurtlaryň arasynda ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmaga ýardam berýär.

2026-njy ýylda bu abraýly halkara bäsleşigiň jemleýji tapgyry ilkinji gezek Türkmenistanda geçirildi. Gahryman Arkadagymyzyň «Tatar gyzy — 2026» bäsleşiginiň jemleýji tapgyryny Hazar deňziniň kenarynda geçirmek baradaky teklibi Tatarystan tarapyndan çuňňur hormat we hoşallyk bilen kabul edildi. Şeýle giň möçberli medeni çäräniň türkmen topragynda geçirilmegi diňe bir söwdaykdysady däl, eýsem, medeni-ynsanperwer ulgamy hem öz içine alýan köpýanlylyk netijeli hyzmatdaşlygyň logiki dowamy boldy.

Türkmenbaşy şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçirilen «Tatar gyzy — 2026» halkara bäsleşiginiň jemleýji tapgyry baý mazmuna hem-de ýokary ruhubelentlige beslendi. Bäsleşige Russiýanyň dürli sebitlerinden, Gyrgyzystandan, Türkiýeden, Türkmenistandan we Özbegistandan gelen gyzlar gatnaşdy. Bäsleşigiň baş baýragy ugrunda 12 sany gyz bäsleşdi. Eminler gatnaşyjylaryň ene dilini, milli däp-dessurlary we medeniýeti bilşine, döredijilik ukybyna, milli aýdym-tanslary ýerine ýetirişine, el işlerinde hem-de milli tagamlary taýýarlamakdaky ussatlygyna baha berdiler. Netijede, «Tatar gyzy — 2026» diýen ada Özbegistandan Amina Mahmudowa mynasyp boldy.

X9» kysymly awtoulagyň açary gowşuryldy. Şu pursatda ýeňijä tüýs ýürekden çykýan gutlag sözleri beýan edildi.

Konsert «Arkadagly Serdarym bu gün uly toý tutýar» atly aýdym bilen açyldy. «Awazanyň kenarynda ýañlanýar dostluk aýdymy» atly edebi-sazly çykyşda ýurdumyzyň dünýä döwletleri bilen alyp barýan dostlukly gatnaşyklary hem-de Awazanyň halklary birleşdirýän merkez hökmündäki ähmiýeti çeper beýan edildi.

Aýdym-sazly, tansly çykyşlar dost-doganlyk döwletleriniň ajaýyp künjeklerini we gözelliklerini, dürli halklaryň özboluşly däp-dessurlaryny, medeni-ruhy gymmatlyklaryny, parahatçylygy, agzybirligi şöhlelendirýän wideoşekiller bilen utgaşdy.

Baýramçylyk konserti milli we umumadamzat medeni mirasynyň aýrylmaz bölegi bolan ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawynda orun alan «Küştdepdi» tansy bilen dowam etdi. Soňra konserte gatnaşyjylaryň ählisiniň bilelikde ýerine ýetirmeginde Gahryman Arkadagymyzyň sözlerine we sazyna döredilen «Öňe, diňe öňe, jan Watanym Türkmenistan!» atly aýdym ýañlandy.

Şirin ÖWEZBERDIÝEWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.

08.10.2026. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilýän halkara çärelere gatnaşýan döwlet Baştutanlary we belent mertebeli myhmanlar Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza döwletleriň we Eýran Yslam Respublikasynyň milli tagamlarynyň festiwalyna gatnaşdylar. Döwlet Baştutanymyz hem-de belent

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR



№ 41 (333), 12.10.2026



Ogulmeňli Şamyradowa,
“Maliýe bazarlary we banklar” taýýarlyk ugry, 1 ýyl talyp

Deňizden joşgun alan duşuşyklar. Sah 4

DEŇIZDEN JOŞGUN ALAN DUŞUŞYKLAR

■ «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň (AHEHG) döwletara utgaşdyryjy suw hojalyk Toparynyň 95-nji mejlisi geçirildi. Duşuşygyň çäklerinde ozal kabul edilen we Merkezi Aziýanyň suw hojalyk düzümini ulgamlaýyn döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen çözgütleriň durmuşa geçirilişiniň gidişi seljerildi. Mejlise gatnaşyjylar bilelikdäki döwletara maksatnamalarynyň we sebitiň ýurtlarynyň ýolbaşçylarynyň tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişiniň oňyn depginini belleдiler.

■ «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza ýurtlaryň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisi geçirildi. Duşuşyk GDA ýurtlarynyň taryhy umumylygyny açyp görkezýän ynanyşykly we netijeli häsiýetde geçdi. Mejlisiň dowamynda GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň geçiriljek mejlisine taýýarlyk görmek bilen baglanyşykly meselelere aýratyn üns berildi. Daşary işler ministrleri geçiriljek sammitiň gün tertibindäki meseleleriň toplumyna seretdiler we kabul ediljek çözgütleriň Arkalaşygyň giňişliginde integrasiýa proseslerine kuwwatly itergi berjekdigine ynam bildirdiler. Mejlisiň netijeleri boýunça birnäçe resminamalara gol çekildi.

Ogulmeňli ŞAMYRADOWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Telewideniýe we kino sungatynda gazanylan üstünliklere bagyşlanan metbugat maslahaty. Sah 5



№ 41 (333), 12.10.2026



Gunça Akmuhammedowa,
“Bank işi we pul dolanyşygy” taýýarlyk ugry, 2 ýyl talyp

TELEWIDENIÝE WE KINO SUNGATYNDA GAZANYLAN ÜSTÜNLIKLERE BAGYŞLANAN METBUGAT MASLAHATY

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen taryhy ähmiýetli halkara çäreleriň çäklerinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza döwletleriň arasynda «Bedew bady: güýç hem gözellik» atly döwletara telewizion filmleriň bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy. Munuň özi GDA-nyň çäklerinde bar bolan teleýaýlymlarda we kinostudiýalarda döredilýän filmleriň ählumumy talaplara laýyk gelmegini üpjün etmek ugrunda edilýän bilelikdäki tagallalaryň aýdyň netijesidir.

Bäsleşigiň adynyň bedew bady bilen utgaşmagynda çuňňur many bar. Bu ösüşleriň belentliklerine tarap bedew bady bilen ynamly gadam urýan ýurdumyzda ähli ugurlar boýunça halkara derejeli çäreleriň geçirilmegine uly ähmiýet berilýändigini alamatlandyrýar. Munuň özi halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek bilen bir hatarda, häzirki döwrüň ruhuna kybap gelýän täze kino eserleriniň döredilmegine giň ýol açýar.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda bäsleşige gatnaşyp, aýratyn tapawutlanan filmleriň awtorlaryna mynasyp bolan sylaglary gowşuryldy. Şu ýylyň möhüm wakasyna öwrülen we dünýä ýüzündäki şan-şöhraty belende göterilen ahalteke bedewleriniň waspynyň beýan edilmegine bagyşlanan bäsleşik uly dabaralar bilen jemlendi. Ýokary sylaglara we degişli baýraklara mynasyp bolanlar, ilki bilen, özlerine bildirilen hormat üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize çuňňur hoşallyklaryny beýan etdiler.

